# Şeýhiñ astyny köw!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şeýhiñ astyny köw! ŞEÝHIÑ ASTYNY KÖW!




Ýaşyl reñke boýalan tarykat binasynda öz müridiniñ on iki ýaşlyja gyzjagazyny zorlady. Namysdan nam-nyşan ýok, wyždansyz, gäbiazan, kezzap, bihaýa, bähbidi üçin biriniñ öñünde ommalmalam bolsa gaşyny çytman ommalyp bilýän din täjirini onuñ geçmişinden, ýaşaýan sferasyndan, mugthorlyk bilen sümürýän kanallaryndan gopardylar.
Wyždansyz şeýh!.. Bähbitçil. Yslamyñ adyna ysnat getiren.
Şeýhiñ astyny gazyñ bakaly! Nämeler çykýar, göreliñ.
Ministr Emrullah Işler bilen ministr Ýalçyn Akdoganyñ ortasynda joñkaryp dur, üç bolup metjidiñ daş-töweregine serenjam bermek we bazaryñ açylyş işlerini alyp barýarlar.
Başga bir suratda Ankara şäheriniñ häkiminiñ dik garşysyna geçipdir, öñünddn baş egip geçýärler.
Aýsofýa açylanda… «Paýtagt» (teleserialy) gidip durka… Şeýh iñ öñde!
Egin-egne, gol-gola, iç-içe, kalp-kalba boldular, emma şindi oña «utançsyz, çemeçil» diýýär, ýöne ony iñ öñ hatara çykardan bileleşikden söz açyp bilenoklar.
Utançsyz, rezil-ryswa, azgyn, pedofil, yslama ysnat getiren şeýhi döwlet apparatyna aralaşdyran iki ministriñ we häkimiñ hökmürowanlyk döwründe hamana premýer-ministriñ, prezidentiñ, partiýanyñ bu şeýhden we onuñ tarykatyndan hiç hili habary ýokmuş!
Şeýhiñ astyny köwüñ bakaly! Nämeler çykýar, göreliñ.
Dinçi partiýa. Holding metodynda işleýär: tarykat şeýhleri,

tarykat şahamçalary, tekgeler, medreseler holdingiñ resmi dilerleri ýaly işlemäge höwesli boldular, şonuñ arkasydan baýadylar, kök tutdular.
Dinçi syýasat tarykatlary saýlawlarda ses köp gazanmak üçin, saýlawçylaryñ gözüni gapmak üçin, dindar we Alla söýgüsinden doly görünmek üçin ulanýar. Şeýhler, tarykatlar we olaryñ şahamçalary, tekgeler, medreseler, dini haýyr-sahawat fondlary bolsa «döwlet apparatyna aralaşmak, döwletiñ çeşmelerine we gaznasyna parazit gurçuk deýin ýapyşmak üçin» dinçi partiýalary holding hasabynda görýär.
Hakyky ady Hakan Şagban. Şeýhlik ady Fatih Nurullah.
Şindi onuñ bilen döwlet protokolynda bile surata düşen partiýanyñ ýolbaşçy işgärleri, ministrler ww bu toplanşyklardan habarly ministrler, prezidentler, din işleri ministrligi bu adamyñ döwletden peýdalanmak we bir neresse çagajygy zorlamak üçin adyny üýtgedip, şeýh sypatyna girendigini bilenoklarmydy?
Şeýhiñ aşagyny dörjeläñ! Serediñ düýbüne!
Hemmesi bir adam.
Şu jümläni üns berip okamagyñyzy haýyş edýärin:
On iki ýaşlyja gyzy zorlan şeýh ele düşende gyzjagazyñ kakasyna: «Ynsan hökmünde nebsine ýeñlip, özüne erk edip bilmedikleri, aklyna gelen azgynlygy, erbetligi añyndan kowup bilmedikleri bagyşlaýan aýatlaryñ, hadyslaryñ bardygyny» aýtmaga çalyşýar, «şeýtana uýdum» diýýär.
Atatürk bulary öñünden görüpdi.
«Yslamyñ belent adyna ysnat getiren jahyl hojalardan, çemeçillerden, tarykatlardan we tekgelerden YSLAMY halas etmek üçin» Din işleri ministrligini döredipdi.
▶ **BONUS: Türkiýäni ýazan žurnalist**

*Guýmagursak alymdy. Açyk çeşmelerden gözüniñ köküni gyryp maglumat toplaýardy. «Müñ ynsan. Müñ şaýat. Müñ delil» ady bilen Türkiýäni ýazardy.*
*Ýaşyrylýan, bukulýan zatlaryñ ugrundady. Polisiýanyñ ýanamasyna, adalatsyzlyga, parahorluga, bandalaşmaga, nasionalizmiñ we diniñ syýasatyñ guralyna öwrülmegine, agdarlyşyklara, din faşizmine, demokratiýanyñ paltalanylmagyna garşy arman-ýadaman göreşen ýaşuly galamdaşymyzdy. Hanalara sygynmazdy. Külhanalara-da baş egmezdi. Dostumdy. Mahal-mahal*

*telefon üsti bilenem bolsa habarlaşardym. Ýüreklendirerdi, teselli bererdi. Onuñam, meniñem metbugat kartymyzy ulanmaga berenokdylar. Gülýärdik.*
*Erbil Tuşalp panydan göç etdi. Ýaş nesil žurnalistlere Erbiliñ kitaplaryny okamagy maslahat berýärin. Ol baryp otuz bäş ýyl mundan öñ şu günüñ Türkiýesini ýazdy.*

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 06.09.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika